# Ýahýa Sinwaryñ wesýeti

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýahýa Sinwaryñ wesýeti ÝAHÝA SINWARYÑ WESÝETI



*«Hamasyñ» Ysraýyl tarapyndan şehit edilen başlygy Ýahýa Sinwaryñ wesýeti köpçüligiñ dykgatyna ýetirildi. Wesýetde boýdan-başa onuñ durmuş ýoly we alyp baran göreşi hakda aýdýandygy belli boldy.*
*Han Ýunusyñ Zekat komissiýasynyñ başlygy doktor Jemil Ebu Bilal Ysraýylyñ eden hüjümleri netijesinde şehit bolan Ýahýa Sinwaryñ wesýetini köpçüligiñ dykgatyna ýetirdi. Wesýetiñ doly teksti şeýle:*
* * *

Men ýat ilde mysapyrlyk çekmegi wagtlaýyn watana, arzuw-hyýalymy tükeniksiz göreşe öwren bosgun çagasy Ýahýa. Bu setirleri ýazanymda bir zat ýadyma düşýär: çagalygymyñ dar köçelerini, birnäçe ýyla çeken tussaglyk ýyllarymy we bu ýerlerde dökülen her bir damja gany pikir edýärin, göz öñüme getirýärin.
Men 1962-nji ýylda Palestinanyñ ýyrym-ýyrtyk edilen

hakydalardan we syýasatçylaryň tegelek stollarynda ýatdan çykarylan kartalardan ybarat döwürde Han Ýunusyň bosgunlar lagerinde dünýä indim. Ömrümi ot-ýalnyň we külleriň arasynda geçirdim we okkupatorlaryň golastynda ýaşamagyň diňe yzygiderli türmeden tapawutly ýeriniň ýokdugyny juda ir ýaşda aňşyrdym. Çagalygymdan bäri bu ýerlerde durmuşyň başga ýerlerdäki ýaly däldigini bilþärdim. Şu ýerde doglan ýüreginde synmaz ýarag götermeli we azatlyga barýan ýoluň uzyndygyny aňlamaly, bilmeli.

- **Türmede geçen ýyllary**

Wesýetim şundan başlaýar: okkupatorlara garşy ilkinji daşy aýlap zyňan çagadan öwrenşim ýaly çekýän derdi-yzalarymyza garşy sesini çykarmaýanlara garşy aýdan ilkinji sözlerimizdir. Gazäniň köçelerinde adama ýaşan ýaşy bilen däl-de, watanynyň ugrunda şirin janyny orta goýup bilşi we pidakärlikleri bilen baha berilýändigini öwrendim. Durmuşymam şeýdip geçdi: türmeler, söweşler, horluklar we umytdan doly ömür…
1988-nji ýylda ilkinji gezek türmä girdim we ömürlik azatlykdan mahrum edildim. Emma gorky-ürkiniň nämedigini bilmelidirem öýtmedim. Şol garaňky gözenekde, her beton diwarda alysdaky yşyga açylan penjire we her demir gözenekde azatlyga barýan ýoly ýagtylandyrýan şugla gördüm. Türmede sabyrlylygyň diňe artykmaçlyk däl, rehimsiz ýaragdygyny öwrendim, edil deňizi damjalap içmek ýaly.

- **«Türmelerden gorkmaň!»**

Wesýetim şudur: Türmelerden gorkmaň, olar diňe azatlyga barýan uzyn ýolumyzyň bir parçasydyr. Türme maňa azatlygyň diňe ogurlanan hak-hukukdan ybarat däldigini, horluklardan doglan we sabyr-takat bilen şekillenen pikirdigini öwretdi. 2011-nji ýylda «Wefa-ül Ahrar» ylalaşygy bilen azatlyga çykarylanymda öňkim ýaly däldim – ynanjym güýçlenipdi we edýän işimiziň diňe geldi-geçer göreş däl-de, soňky damjasyna çenli götermeli ykbalymyzdygyna düşündim.
Wesýetim şudur: Ýaraga, pula durmaýan mertebäňize, ölmeýän

arzuw-hyýalyňyza berk ýapyşyň. Duşman bizi watan goragyndan el çekdirmäge, watan ugrundaky göreşimizi soňy ýok gepleşiklere öwürmäge mejbur ethek bolýar. Watan goragy diňe göterýän ýaragymyz däl, her demimizdäki Palestina bolan söýgimizdir. Gabawlara we basybalyjylykly çozuşlara garamazdan ýaşamaga bolan ymtylyşymyzdyr.



- **«Gaza hemişe watan goragynyň paýtagty bolup geldi**

Wesýetim şudur: Şehitleriň ganyna wepaly boluň. Bize bu tikenekli ýoly miras galdyranlar gyrmyzy ganlary bilen azatlyga barýan ýolumyzy arçadylar. Syýasatyň hasaplarynda we diplomatiki oýunlarsa bu pidakärlikleri boş ýere harçlamaň. Biz özümizden öňküleriň başlan işini soňlamak üçin orta çykdyk we soňy nähili bolup gutarýanam bolsa ýolumyzdan dänmeris. Gaza hemişe watan goragynyň paýtagty we Palestinanyň ýeke sekunt hem säginmän urýan ýüregi bolup geldi. Mundan beýlägem şeýle bolmagynda galar.
2017-nji ýylda «Hamasyň» Gazadaky gözegçiliginiň başyna geçmegim diňe häkimiýet başyna gelmegi däl-de, daş-kesek bilen başlanan göreşiň tüpeň bilen dowam etmegi aňladýardy. Her gün halkymyň görýän kösençliklerini duýýardym we azatlyga tarap ädýän her bir ädimimiziň gymmada düşýändigini bilýärdim. Ýöne

size şuny aýdasym gelýär: Boýun egmegiñ netijesi mundan has erbet bolýar. Şonuñ üçin ýurduñyza kökleriñ topraga mäkäm ýapyşyşy ýaly ýapyşyñ, sebäbi ýaşamagy netine düwen halky hiç bir şemal goparyp zyñyp bilmez.

- **«Aksa tupany» – azatlyga çykmagy arzuw eden her bir palestinalynyñ sesi**

«Aksa tupany» operasiýasynda bir toparyñ ýa hereketiñ başlygy bolmadym, azatlyga çykmagy arzuw eden her bir palestinalynyñ sesi boldum. Watan goragynyñ diñe gelinen karar däl-de, mukaddes borçdugyna ynanýardym. Bu göreşiñ Palestin gaýtawulynyñ kitabynda täze sahypa bolmagyny, fraksiýalaryñ, toparlaryñ birleşmegini we hemmeleriñ duşmana garşy bir bitewi ýumruga öwrülmegini isledim. ***Duşman hiç mahalam nowça çagajyk bilen garry-gurtyny ýa-da daş bilen agajy seljerjek bolup durmady***.
Yzymda goýup gitjek zadym maddy miras däl, azatlygy arzuw eden her bir palestinaly üçin şehit çagasyny bagryna basan enelerimiz üçin, gyzgyn gülle bilen öldürilen gyzyny ardurja elinden gideren atalarymyz üçin umumy mirasdyr.



**• «Ýaraglaryňyzy taşlaýmaň!»**
Soňky wesýetim şudur: Watan goragy ugrunda berilýän gaýtawulyň boş däldigi, diňe atylan ýeke okuň däl, ar-namysymyz we mertebämiz bilen ýaşan ömrümizdigi elmydama ýadyňyzda bolsun. Türme we gabaw maňa göreşiň uzaga çekjekdigini we ýolun kyn boljakdygyny öwretdi. Emma şol bir wagtyň özünde boýun egmekden ýüz öwren halklaryň öz elleri bilen mugjyzalary döredýändigini-de öwrendim. ***Dünýäden adalata garaşmaň, çünki men dünýäniň biziň çekýän horluklarymyza sesini çykarmaýandygyna şaýat bolan bolsam, sizem şaýat bolarsyňyz***. Palestina arzuwyny ýüregiňizde göteriň we her synaňyza alan her bir ýaraňyzdan ýarag, her döken gözýaş damjaňyzdan umyt çeşmesini ediniň.
Meniň wesýetim şudur: Ýaraglaryňyzy taşlaýmaň, eliňizdäki daşlary ýere zyňaýmaň, şehitleriňuzi undaýmaň we hakyňyz bolan arzuw-hyýallaryňyzdan el çekäýmäň! Biz şu ýerde, öz watanymyzda, ýüregimizde we çagalarymyzyň geljeginde galarys.

**• «Watan – gürrüň berilýän hekaýat däl, başdan geçirmeli hakykatdyr»**

Size wesýetim:
Ölümime çenli janym-tenim bilen baglanan Palestinama asla bükülmeýän dag deýin gerdenimde göteren arzuw-hyýallaryňyza eýe çykyň. Eger ýykylsam, meniň bilen bile ýykylmaň. Elimden gaçyrmadyk baýdagymy göteriň we ganymy köpri edip, küllerimizden has güýçli bolup doguljak nesiller üçin ýol arçaň. Ýatdan çykarmaň, watan – gürrüň berilýän hekaýat däl, başdan geçirmeli hakykatdyr we bu toprakdan dörän her bir şehit bilen birlikde müňlerçe watan goragçysy dörär.
Eger «Tupana» döwran dolansa, menem araňyzda bolmasam, azatlyk tolkunlarynyň ilkinji damjalarynyň mendigini we ýoluňyzy tamamlanyňyzy görmek üçin ýaşandygymy bilseňiz bolýar. Duşmanyňyzyň bogazynda tegek boluň, asla yza tesmeýän tupan boluň. Dünýä biziňkiň dogrudygyny we habarlar gepleşiklerinde gury statistiki sanlardan ybarat däldigimizi kabul edýänçä dek ýatmaň.

Mert SAGIT.

Ýekşenbe, 20.10.2024 ý. Publisistika